# Garyndaşlyk / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garyndaşlyk / satiriki hekaýa GARYNDAŞLYK

– Amandurdy gurgun işläp ýörenmidir?
– Gurgun işläp ýörendir-dä. Ynha, indi iki ýyldyr ýolda-yzda-da gabat gelemok.
– Ahaw, hany ol sende işlemeýärmidi näme?
– Men-ä ony birçak işden kowdum.
– Beh-beý. Ol, näme, düzgüni-dagy bozdumy?
– Ýok, düzgüni bozanok.
– Näme, aýtmajak bolýamyñ?
– Aýdar ýaly, aýtmaz ýaly, näme Amandurdynyñ ilden çykgynç erbet häsiýeti barmy?
– Göniñden gelsene, biderek arza ýazandyr-da…
– Ýok, eger-eger, 14 ýyl işledi weli, erbet niýet bilen eline galam alan adam däldir. Bir-ä işe girenindäki arzasy, soñam her ýyldaky zähmey rugsadyna çykjak bolanyndaky arzasydyr.
– Be, nädäýdiñ-aý?! Onda progul bolandyr.
– Eger-eger. Sagar 9 bilen 6-nyñ arasynda ol bende kakylgy gazykdyr. Iş stolundan turmasy bolmaz.
– Beh, sen-ä perişdäñ bäri ýany etdiñ goýaýdyñ.
– Bolmalysam şeýle-dä. Işine ökde, iş wagtyna jür. Kollektiwde özüni göreldeli alyp barmakda Amandurdy çeniñ-çakyñ däl.
– Aragam içenokmy?!
– Näme içmän. Eýsem meñ özüm içemokmy ýa seb içeñokmy?!
– Biz içsek toýda-tomguda, baýramçylykda il ugruna altmyş gram içýäs-dä.
– Biz altmyş gram içsek, Amandurdy elli gramjyk dadýar.
– Diýmek, onda ony hiç sebäpsiz işden kowupsyñ-da?
– Şeýle boldy-da…
– Ýerine alanyñ oñarjamy onsoñ?
– Gaty beýle däl.
– Iş oñaranokmy?!
– Wah, oñ bilen oñuşjak-la.

– Näme, işe wagtynda gelenokmy?!
– Onsy bilenem ylalaşýan. Awansyny, aýlygyny, baýragyny jemläp, häzir öýüne özüm alyp barýan-a.
– Näme, içegenmi?
– Öte-le. Huşagetirijiden hoşlaşman, agşam ýene gelerin diýip gaýdýanlardan.
– Beýle bolsa işden gümüni çekip bolanokmy?!
– Kowmak añsat-la. Ýöne kadrlary terbiýelejek bolmaly-da.
– Wah, oñaryp bolsa oña ýetesi zat barmy?
– Hötde geljek bolmaly-da. Baýramalydaky bejeriş-zähmet profilaktoriýasyna hem iberdim. Bir hepde-de çydaman, gaçyp gaýdypdyr. Ýagşy onda, Atadurdy, hoş. Men-ä indi şu ýerde awtobusdan düşmeli boljak.
– Näme, keýpinemi, gezelençmi?!
– Şol ýañky, soñky aldym diýen işgärimiz hol obada ýaşaýar. Gyzym şoñ gelni.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar